# Alyslara giderin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Alyslara giderin ALYSLARA GIDERIN

Alyslara gitmek isleýarin men,
Howaly ýerlere, belent ýerlere.
Bir şygyr… Bir şygyr ýazmak islegim,
Meñzäp duran dolanaýly Güýzlere.

Bahar degresinde gül pyşyrdysy
Şygrym bilen ýetsin sõzlerim saña.
Meniñ armanlarym, hem ahwallarym
Zyýarat eýlesin gezen baglaryña.

Bir mahal saçyny sypalan şemal
Gijäniñ gatyndan çyk, maña gaýt sen!
Derýañ boýundaky iñ soñky tal hem
Kyrk gije derdimi suwlara aýtsyn..

Derýanyñ boýuny syryp barýaryn,
Derýalaryñ bõlünip şahalara-
Birigýän ýerlerini yzlap barýaryn,
Howaly ýerlere, beýik ýerlere.

Şeydip uzak menzillere aşaryn,
Belki çeken hasratlarym soñlanar.
Kalbym nar dek ýarsam ýetermi-ganym
Birje şygryñ damaryndan aýlanyp?!.

Õzbek dilinden terjime eden:
@Kalba NUR.

Hurshid DAWRON. Goşgular